***Türkmenistanyň zenanlar milli ýygyndysy Halkara küşt federasiýasynyň (FIDE) aýlyk täzelenýän umumy sanawynda ilkinji gezek dünýäniň iň güýçli 50 milli ýygyndysynyň hataryna girdi.***

Bu üstünlik köp ýyllara daýanýan maksatlaýyn işleriň miwesidir. Mundan üç ýyl ozal hem zenanlar ýygyndymyz bu sanawyň 105-nji basgançagyndady. Geçen ýylda 70-nji orna çenli ösüş gazanan ýygyndy toparymyz taryhynda ilkinji gezek dünýäniň güýçli ýygyndylarynyň ilkinji 50-ligine girdi.

Ýygyndy toparymyzyň gazanan üstünlikleriniň aňyrsynda baş tälimçi Şahruh Turaýewiň ýolbaşçylygyndaky tälimçiler toparynyň tutanýerli zähmeti bar. Onuň şägirtleriniň arasynda 15 ýaşly gyzlaryň arasynda FIDE-niň ussady Jahan Rejebowa (şahsy görkezijisi — 2152) we 19 ýaşly Lala Şöhradowa (şahsy görkezijisi — 2151) ýaly zehinli küştçüler hem bar. Olar Türkmenistanyň iň gowy küştçüleriniň sanawynda ilkinji iki orny eýeleýärler.

Türkmenistanyň Küşt federasiýasy zenan küştçülerimiziň 2026-njy ýylda Samarkant şäherinde geçiriljek Bütindünýä küşt olimpiadasynda dünýäniň ilkinji 40 milli ýygyndysynyň hataryna girjekdiklerine ynanýar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026